# ÝaXymsyz ýaňsylamalar

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
ÝaXymsyz ýaňsylamalar ÝAXYMSYZ ÝAÑSYLAMALAR

***(ýa-da gülesi gelip duranyňam gülesini getirmejek gödek gürrüňler, gara ýumor gatyşykly aforizmsumaklar we bir däne gysga dialog)***

Gaty gören gaty ýerde otursyn (halk aýtgysy) ýumşak ýerde oturyp ýörenler, gaty ýerde oturyp bilmez ýogsa-da.

***

Ýüpüniň üstünde odun goýup bolmajak adamlar bilen iş salyşsaň, ahyr iki garyş ýüp alyp, asylmaga ýer gözlär ýaly edýändir.

***

Soňky tüýkülik sakgal ezmez, o dogry, ýöne ýiigrenýän adamyň ýüzüne tokundyryp içiňi sowatmaga-ha ýeter.

***

«Erkegiň eli egri, aýalyň aýagyny gyşyk basýar» diýilýäni fiziki ýetmezçilikden aýdylýan däldir, oly ruhy-ahlak maýyplygynyň şahyrana beýany.

***

Ogry-da özünden osar, orramsam, şoň üçin ikisem şady-horramdyr.
Itiň pohy derman bolsa, gidip derýa syçar, garaz hiç kime peýda etmejek bolup, uly derýany hapalar.

***

Öz öýüniň arassa bolmagyny alada edýän biri bütin obanyň ýigrenýän adamynyň köne-küşül eşigini gapysynyň agzynda köwüş

süpürilýän edip goýupdyr…

***

Ýüregiň gysar, köçä çykarsyň, soň syrtyňy gysyp bilmersiň, bäş-alty ýyllyk başga jaýlardan çykarsyň.

***

Iki sany häsiýetsiz köpek bir süňküň üstünde hyňranyşyp duşman boldy, gadymkylaryň süňk duşmany diýen aňlatmasy ýa şondan galdymyka?

***

Gowşak ýazylan goşgular öli doglan çagalar ýalydyr. Olary depin edip, çekjek gussaňyz däp-dessur bolsun. Ýogsa-da çaga jesediniň iki aýagyndan tutup adamlara tarap zybyrdadyp zyňyp ýören ýalysyňyz.

***

– Söýmeýän zenanyň bilen ýaşamak, her säher onuň gujagynda oýanmak, nähili agyr duýgy?!
– Men başga zady oýlanyp gorkýan.
– Näme zat?
– Söýmeýän zenanyň gujagynda ölmek.

***

Asla kyn aýdylmaýan ýaňlytmaç: «Dogry, dogry ogry dogdy».

18.12.2023 ý.

Isgender MÄLIK.